# Beýik sähranyñ jigerbendi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Beýik sähranyñ jigerbendi BEÝIK SÄHRANYÑ JIGERBENDI

Söýýärin men Garagumy – sähramy,
Onuñ ürgün çägelerne bendi men.
Bu toprak durşuna akyl hem many,
Şu giñiş Diýaryñ jigerbendi men.

Şäherde ýaşaýan obada doglup,
Söýýän oba-şşherleri, kendi men.
Men olañ deñinden geçmerin sowlup,
Şäher hem obamyñ jigerbendi men.

Unutman Murgabyñ aýagujunda
Şaglap duran Egrigüzer bendinem.
Çagalykda kän-kän oýnapdym şonda,
Şol gözel derýanyñ jigerbendi men.

Çagalygym geçip gitdi, ulaldym,
Çal saçly bir adam boldum indi men.
Durmaýyn mundan kän gepi uzaldyp,
Şu beýik sähranyñ jigerbendi men.

Atamyrat ATABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular